Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— Garaşsyzlyk halkymyzyň beýik mertebesiniň hem-de milli buýsanjynyň Ýer ýüzünde dabaralanmagydyr.

NEBIT-GAZ

ESASLANDYRYJYSY — «TÜRKMENGAZ» DÖWLET KONSERNI

www.oilgas.gov.tm

Gazet 2011-nji ýylyň 6-njy sentýabryndan bäri çykýar

№ 39 (735) ● 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabry ● Sişenbe



# GARAŞSYZLYK BAÝRAMY HALKYMYZYŇ JEBISLIGINI WE ÝURDUMYZYŇ ÜSTÜNLIKLERINI GÖRKEZDI

27-nji sentýabrda ýurdumyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramy giňden bellenildi. Bu şanly sene döredijilik, öňegidişlik we gülläp ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan Watanymyzyň taryhynda täze bir sahypany açýar.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň bellenilýän gününde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow türkmen halkynyň täze taryhynda ägirt uly özgertmeleriň nyşany bolan ajaýyp binalar toplumyna — Garaşsyzlyk binasyna gül goýmak dabarasyna gatnaşdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzyň döwlet berkararlygynyň we özygtyýarlylygynyň nyşany bolan Garaşsyzlyk binasyna gül desselerini goýdy. Hormatly Prezidentimiziň göreldesine eýerip, beýleki dabara gatnaşyjylar hem gül desselerini goýdular.

Birnäçe wagtdan Garaşsyzlyk binasynyň öňündäki meýdança hoşboý ysly ajaýyp ter gül desselerinden doldy. Munuň özi Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň, özygtyýarlylygynyň mizemezliginiň, türkmen halkynyň agzybirliginiň we jebisliginiň aýdyň nyşanydyr.

Asylly däbe görä, baş baýramymyz — Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli esasy dabaralar Döwlet münberi toplumynyň öňündäki meýdançada ýaýbaňlandyryldy. Bu ýerde Milli goşunymyzyň harby gullukçylary hatara düzüldiler.

Sagat — 10:00. Dabaraly pursat ýetip geldi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow münberiň syn ediş ýerine baransoň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň Birleşen harby orkestriniň ýerine ýetirmeginde harby sazlar ýaňlandy. Ýygnananlar uly ruhubelentlik bilen döwlet Baştutanymyzy mübäreklediler. Däp bolşy ýaly, baýramçylyk çäresi dabaraly harby ýöriş bilen badalga aldy. Onuň dowamynda Watanymyzyň goranyş kuwwaty, halkymyzyň abadan, parahat durmuşynyň, mukaddes serhetlerimiziň, Garaşsyzlygymyzyň gazananlarynyň goragynda duran merdana harby gullukçylaryň ýokary hünär ussatlygy, ukyp-başarnyklary görkezilýär.

Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlanýar we Baýdak sütüninde Türkmenistanyň Döwlet baýdagy belende galdyrylýar. Meýdançada nyzama düzülen serkerdeler, esgerler we harby talyplar Watanymyza, halkymyza, hormatly Prezidentimize wepalylyk baradaky mukaddes kasamy aýdýarlar. Milli goşunymyzyň harby gullukçylary ata-babalarymyzyň watançylyk däplerini mynasyp dowam etdirip, mukaddes borja wepalydyklaryny iş ýüzünde tassyklaýarlar. Baýramçylyk ýörişini baýdak göterijiler topary açdy.

Soňra münberiň öňünden ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň goşun görnüşleriniň toparlary sazlaşykly hatarlar bilen geçdiler.

Dabaraly harby ýörişde görkezilen döwrebap ýerüsti, deňiz we howa tehnikalary hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak, Ýaragly Güýçlerimizi döwrebaplaşdyrmak, harby we hukuk goraýjy edaralaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek meselelerine uly üns berilýändigini nobatdaky gezek subut edýär.

Ýurdumyzyň şanly baýramy mynasybetli ajaýyp sazly sowgady taýýarlan Birleşen harby orkestriň joşgunly çykyşy harby ýörişe aýratyn öwüşgin çaýdy. Olaryň ýerine ýetirmeginde Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly goşgusyna döredilen aýdym dabaraly harby ýörişiň jemlenmesine öwrüldi.

Soňra Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli giň gerimli dabara dowam etdi. Ol döwrebap telekommunikasiýa serişdeleri we aragatnaşyk ulgamlary arkaly göni ýaýlymda köpçülige ýetirildi. Munuň özi watandaşlarymyza hem-de dünýä döwletleriniň ýaşaýjylaryna ýurdumyzyň baş baýramynyň şanyna guralan dabara tomaşa etmäge mümkinçilik berdi.

Dabaranyň ahyrynda döwlet Baştutanymyzy Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, Aşgabat şäheriniň, ýurdumyzyň welaýatlarynyň häkimleri Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 34 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutladylar hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdiler.

Hormatly Prezidentimiz hemmeleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly senesi bilen gutlady we alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Paýtagtymyzda badalga alan baýramçylyk dabaralary ýurdumyzyň ähli künjeklerinde dowam edip, ildeşlerimiziň kalbyny şatlyk hem-de buýsanç duýgulary bilen doldurdy. Şowhunly çäreler agşam «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň öňündäki meýdançada geçirilen konsert bilen dowam etdi. Bu ýere ýygnanan köp sanly tomaşaçylaryň öňünde meşhur hem-de ýaş artistler, folklor-tans toparlary öz ussatlyklaryny görkezdiler. Baýramçylyk feýerwerki dabaralaryň özboluşly jemlenmesine öwrülip, Aşgabadyň gijeki asmanyna ajaýyp öwüşgin çaýdy.

28-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz döwrebaplaşdyrylan Aşgabat atçylyk sport toplumynda guralan dabaralara gatnaşdy.

Ir bilen paýtagtymyzyň gözel künjeginde ýerleşýän Aşgabat atçylyk sport toplumynda köpöwüşginli baýramçylyk ýagdaýy emele geldi. Bu ýere Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary we wekilleri jemlendiler. Ýygnananlar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy uly ruhubelentlik bilen garşyladylar.

Toplumyň girelgesinden esasy münber binasyna çenli uzap gidýän ýoluň ugrunda Arkadag we Aşgabat şäherleriniň, ýurdumyzyň welaýatlarynyň sergisi ýaýbaňlandyrylypdyr. Sergide suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň, zergärleriň we nakgaşlaryň ahalteke bedewleriniň gözelligini şekillendirýän işleri, milli amaly-haşam sungatynyň eserleri ýerleşdirilipdir. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýol ugruna medeniýet we sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlaryna tomaşa etdi. Joşgunly çykyşlar dabara türkmen toýlaryna mahsus öwüşgin çaýdy.

Döwlet Baştutanymyz esasy münber binasyna bardy. Soňra baýramçylyk at çapyşyklaryna badalga berilýändigi yglan edildi.

Şanly sene mynasybetli dürli aralyga çapyşyklaryň ýedisi geçirildi.

Soňra ýeňijileri sylaglamak dabarasy boldy. Olar döwlet Baştutanymyza we Gahryman Arkadagymyza ýurdumyzda atçylyk sportuny ösdürmek babatda hemmetaraplaýyn alada edýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, behişdi bedewleriň Ýer ýüzündäki şöhratyny artdyrmak ugrunda yhlas-başarnyklaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygy mynasybetli geçirilen dabaralar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Türkmenistanyň ösüşleriň täze belentliklerine bedew bady bilen okgunly öňe barýandygynyň aýdyň nyşany boldy.

NEBIT-GAZ

## ÝURDUMYZDA BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ ŞANLY 34 ÝYLLYGY GIŇDEN BELLENILDI



# TÜRKMENISTAN BAŞLANGYÇLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGINI DOWAM ETDIRER

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň ýokary derejeli plenar mejlisiniň ilkinji gününe gatnaşdy we çykyş etdi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň plenar mejlisiniň ilkinji gününe gatnaşmagy we onda çykyş etmegi diňe bir Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk, halkara hukugyň esas goýujy ýörelgelerine ygrarlydygyny subut eden waka bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge, ählumumy parahatçylygy pugtalandyrmaga goşant goşmaga hem taýýardygyny aýdyň görkezen möhüm waka boldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen duşuşdy.

Hormatly Prezidentimiz geçen 80 ýylyň dowamynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan bütin dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnuklylygy üpjün etmek boýunça ägirt uly işleriň amala aşyrylandygyny aýdyp, bu maksatlara ýetmek üçin Türkmenistanyň Milletler Bileleşigi bilen köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ygrarlydygyny tassyklady. Türkmenistan halkara giňişlikde işjeň syýasaty alyp barýar, BMG we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen uzak ýyllaryň dowamynda netijeli gatnaşyklary dowam etdirýär. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda üstünlikli geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny muňa aýdyň mysal hökmünde görkezmek bolar.

Antoniu Guterriş bu maslahatyň ýokary guramaçylyk derejesi üçin Türkmenistana hoşallyk bildirip, forumyň we onuň dowamynda kabul edilen resminamalaryň BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň meselelerini çözmek boýunça alyp barýan işinde täze tapgyry açandygyny belledi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, ýurdumyz sebitiň döwletleri bilen ählumumy parahatçylygyň, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmagyň bähbidine hyzmatdaşlyk etmäge ygrarlydyr.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ygtybarly, jogapkärli hyzmatdaşy hökmünde netijeli gatnaşyklary has-da pugtalandyrmagy we giňeltmegi maksat edinýändigini tassyklady.

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Eswatininiň Patyşasy Mswati III, Kuweýt Döwletiniň Mirasdüşer Şazadasy Şeýh Sabah Al-Halid Al-Sabah, Portugaliýa Respublikasynyň Prezidenti Marselo Rebelo de Souza, Awstriýa Respublikasynyň Federal Prezidenti Aleksandr Wan der Bellen, Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Prezidenti Karin Keller-Zutter bilen duşuşdy.

Duşuşyklaryň dowamynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň çäklerinde gatnaşyklary ösdürmegiň ugurlary barada pikir alyşmaga döran mümkinçilige kanagatlanma bildirildi. Söhbetdeşler ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we olary ösdürmegiň geljekki ugurlary barada pikir alyşdylar.

Ýokary derejede geçirilen duşuşyklaryň netijeleri özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam berer. Häzirki wagtda Bitaraplyk ýörelgelerine eýerýän we oňa ygrarly bolan Türkmenistana dünýäniň ähli sebitlerinde, şol sanda Afrika, Ýewropa döwletleriniň gyzyklanmasy artýar. Munuň özi ösüş arkaly parahatçylyk ýörelgesini dabaralandyrýan Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň netijesidir.

Türkmenistan hemişelik Bitaraplygyň halkara giňişlikde parahatçylygy, durnuklylygy we özara düşünişmegi ilerletmek üçin netijeli gural bolup durýandygyny dünýä äşgär edip, tutuş adamzadyň durnukly geljegi üçin öz döredijilikli başlangyçlaryny işjeň durmuşa geçirmegini mundan beýläk-de dowam etdirer.

**NEBIT-GAZ**

---

# Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisindäki ÇYKYŞY

*(Nýu-Ýork şäheri, 2025-nji ýylyň 23-nji sentýabry)*

***Hormatly Başlyk!***
***Hormatly wekiliýetleriň Baştutanlary hem-de agzalary!***
***Hanymlar we jenaplar!***

Ilki bilen, Sizi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň öz işine başlamagy bilen gutlamaga we netijeli işleri arzuw etmäge rugsat ediň! Hanym Annalena Berbogy Baş Assambleýanyň Başlygy wezipesine saýlanmagy bilen gutlaýaryn we oňa üstünlikleri arzuw edýärin. Şeýle hem ozalky sessiýanyň dowamynda Baş Assambleýanyň işine netijeli ýolbaşçylyk edendigi üçin ilçi Filemon Ýanga minnetdarlyk sözlerini aýtmak isleýärin.

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Dünýäniň häzirki ýagdaýy, syýasy, ykdysady, durmuş prosesleriniň häsiýeti we meýilleri döwletlerden hem-de halkara guramalardan esasy umumy maksady gazanmagyň — parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, mundan beýläk-de okgunly ösüş üçin şertleri döretmegiň, häzirki zaman dünýä gurluşynyň binýadynda goýlan hukuk esaslaryny gorap saklamagyň bähbidine utgaşykly hyzmatdaşlygy talap edýär. Türkmenistan Baş Assambleýanyň 80-nji sessiýasynyň esasy wezipelerine hut şu nukdaýnazardan seredýär we berk deňagramly hem-de howpsuz dünýä arhitekturasyny döretmekde oňa uly umyt baglaýar.

Halkara parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň esasy ugry bolup durýar. Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet hökmünde öz jogapkärçiligine düşünip, hyzmatdaşlyk, özara düşünişmek ýagdaýyny, ählumumy hem-de sebit derejesinde durnukly ösüşi üpjün etmäge ukyply esasy we kesgitleýji şert hökmünde özara hormat goýmak dialogyny döretmäge gönükdirilen anyk çäreleri mundan beýläk-de amala aşyrmaga taýýardyr. Häzirki wagtda bu wezipeleri ilerletmekde we ýerine ýetirmekde iň netijeli gurallaryň biriniň bitaraplyk ýörelgeleriniň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegidigine berk ynanýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň gün tertibine «Bitaraplyk — parahatçylygyň we howpsuzlygyň hatyrasyna» atly aýratyn bendi girizmek başlangyjyny öňe sürdi. Dünýä jemgyýetçiliginiň bitaraplygyň wajypdygyna, BMG-niň parahatçylyk döredijilikli strategiýasynda onuň mümkinçiliklerine we gurallaryna düşünýändiginden ugur alyp, muny möhüm diýip hasaplaýarys. Bu ugry dowam etdirmek bilen, Türkmenistan şu gezekki sessiýanyň dowamynda «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş prosesini üpjün etmek hem-de pugtalandyrmak işinde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamanyň taslamasyna seretmegi teklip eder.

Mälim bolşy ýaly, şu ýyl Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Baş Assambleýa tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Bu şanly waka BMG-niň döredilmeginiň ýubileýine gabat gelýär. Şu ýylyň dekabrynda Türkmenistanda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna bagyşlanyp, ýokary derejeli iri halkara forum geçiriler. Bu foruma BMG-niň strategik maksatlaryny gazanmaga anyk goşant hökmünde garaýarys we oňa giň halkara wekilçiligiň gatnaşjakdygyna umyt edýäris.

Döwlet çemeleşmeleriniň dünýäniň ösüş meýillerine ýakynlaşmak prosesi, ynanyşmagyň we özara düşünişmegiň ýola goýulmagy hem-de pugtalandyrylmagy ulgamlaýyn, yzygiderli häsiýete eýe bolmalydyr diýip hasaplaýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Parahatçylyk we ynanyşmak medeniýeti meseleleri boýunça bütindünýä sammitini geçirmek başlangyjyny öňe sürýär. Halkara ynanyşmagyň ählumumy kodeksini işläp taýýarlamak sammitiň esasy wezipeleriniň biri bolar. Bu kodeks ýurtlaryň arasynda özygtyýarlylyga we çäk bitewüligine hormat goýmak, dünýä meselelerini bilelikde çözmek we hyzmatdaşlyk ýörelgeleri esasynda gatnaşyklary ýola goýmak üçin köpugurly esas bolup hyzmat eder.

Ählumumy parahatçylygy, özara düşünişmegi üpjün etmek meselelerine häzirki zaman ösüşiniň ugurlary, medeni we ruhy gatnaşyklary gorap saklamagyň hem-de ýakynlaşdyrmagyň zerurdygy bilen aýrylmaz baglanyşykda garaýarys. Bu babatda ýüzýyllyklaryň dowamynda Gündogar bilen Günbataryň arasynda medeni köpri bolan Merkezi Aziýa häzirki günde öz taryhy wezipesini gaýtadan dikeldip, dialog, hyzmatdaşlyk babatda dünýägaraýyşlary we gymmatlyklary ýakynlaşdyrmak üçin giňişlik bolmalydyr. Şundan ugur alyp, Türkmenistan şu gezekki sessiýanyň dowamynda BMG bilen hyzmatdaşlykda hem-de sebitiň ýurtlarynyň, beýleki gyzyklanma bildirýän döwletleriň, halkara institutlaryň gatnaşmagynda «Merkezi Aziýa — parahatçylykda ýaşamagyň giňişligi» atly halkara forumy geçirmegi teklip eder. Şeýle hem Türkmenistan Baş Assambleýanyň garamagyna Halkara araçylyk gününi yglan etmek hakynda Kararnamanyň taslamasyny hödürlär. Bu Kararnama gapma-garşylyklaryň öňüni almakda we kadalaşdyrmakda diplomatiýanyň hem-de bitarap meýdançalaryň ähmiýetini nygtar.

**(Dowamy 3-nji sahypada)**

# Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisindäki ÇYKYŞY

*(Nýu-Ýork şäheri, 2025-nji ýylyň 23-nji sentýabry)*

(Başlangyjy 2-nji sahypada)

Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmaga gatnaşmak, onuň ulag we energetika ýaly esasy ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň ileri tutýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu mesele boýunça köptaraplaýyn dialogyň merkezleriniň biri bolmak bilen, Türkmenistan adalatly, deňagramly we inklýuziw halkara ösüş ulgamyny döretmäge ýardam bermegini dowam etdirer. Şu gezekki sessiýanyň dowamynda degişli Kararnamanyň taslamasyny hödürläp, 2026 — 2035-nji ýyllar üçin «BMG-niň Durnukly ulag boýunça onýyllygyny» yglan etmek başlangyjyny öňe süreris. Munuň ulag geçelgeleriniň ösdürmek, olaryň durnuklylygyny ýokarlandyrmak we ähli ýurtlar üçin elýeterliligini üpjün etmek üçin halkara tagallalaryny birleşdirmäge mümkinçilik berjekdigine ynanýarys. Şeýle hem ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň garamagyna «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamanyň taslamasyny hödürlär.

Häzirki wagtda sanly özgertmeler ösüş gün tertibiniň ileri tutulýan meseleleriniň hatarynda durýar. Bu prosesiň deňagramly häsiýete eýe bolmalydygyna, onuň ähli döwletleriň, şol sanda ösüp barýan ýurtlaryň kanuny bähbitlerini göz öňünde tutmalydygyna, syýasylaşdyrylmakdan we birtaraplylykdan azat bolmalydygyna ynanýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan deňhukuklylyk, ynanyşmak we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň zyýanyna ulanylmagyna ýol bermezlik ýörelgelerine esaslanýan Sanly integrasiýa boýunça bütindünýä platformasyny döretmek başlangyjy bilen çykyş etmegi meýilleşdirýär.

80-nji sessiýanyň dowamynda Türkmenistan ekologiýa we howanyň üýtgemegi meseleleri boýunça işleri-de dowam eder hem-de bu meselelere howpsuzlygy üpjün etmegiň, howa, ekologiýa we tehnogen hadysalara gözegçilik etmegiň köptaraplaýyn gurallaryny döretmek boýunça binýatlaýyn çemeleşme hökmünde yzygiderli esasda garalmagyny maksat ediner.

Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlary üçin çölleşmä garşy göreşmek boýunça sebit merkezini döretmek başlangyjyny öňe sürýär. Şeýle merkeziň döredilmegi sebit mümkinçiliklerini birleşdirmäge, daşky gurşawy goramak ulgamynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ýardam berer, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmaga, hususan-da, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, gury ýeriň ekoulgamlaryny gorap saklamak işine saldamly goşant goşar diýip hasaplaýarys. Ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda öňe sürlen we Hazar deňziniň ekoulgamyny gorap saklamak üçin halkara platformany döretmäge gönükdirilen Hazar ekologik başlangyjyny ilerleder. Hazar ekologiýa forumy bu ugurda möhüm ädim bolar. Ony 2026-njy ýylda geçirmegi teklip edýäris.

Häzirki wagtda giň ynsanperwer hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin BMG-niň ornuny pugtalandyrmagyň, halklary ýakynlaşdyrmaga we olaryň arasynda özara düşünişmegi berkitmäge, ruhy-medeni gymmatlyklaryň tapawutlylygyndan gelip çykýan päsgelçilikleri aradan aýyrmaga, medeni diplomatiýanyň netijeli ýollaryny herekete getirmäge ýardam etmegiň möhümdigine ynanýarys. Medeniýetleriň arasynda dialogy ösdürmek we Baş Assambleýanyň halkara gatnaşyklarda köpdilliligi goldamak boýunça Kararnamalaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin Köpdilli diplomatiýanyň halkara gününi yglan etmegi teklip edýäris.

***Hormatly wekiliýetleriň Baştutanlary hem-de agzalary!***

Türkmenistan hemişe ähli halkara başlangyçlaryny BMG-niň Tertipnamasyna we esas goýujy resminamalaryna, uzak möhletli maksatlaryna laýyk getirýär. BMG bilen hyzmatdaşlygyň Türkmenistanyň ileri tutýan strategik ugry bolup durýandygyny hemişe nygtamagymyz tötänden däldir. Biz BMG-niň köpugurly ygtyýarlyklara eýe bolan ýeke-täk halkara guramadygyny ynam bilen aýdýarys. Birleşen Milletler Guramasy parahatçylygyň we ösüşiň kepili, ählumumy howpsuzlygyň, durnuklylygyň binýady bolmagynda galmalydyr.

Türkmenistan halkara işlerde BMG-niň eýeleýän esasy ornuny pugtalandyrmak ugrunda yzygiderli çykyş etmegini dowam etdirer. Şunda halkara hukugyň berkidilmegini, halkara kadalaşdyryş binýadynyň kämilleşdirilmegini, BMG-niň konwensiýalarynyň, şertnamalarynyň, ylalaşyklarynyň we beýleki köptaraplaýyn resminamalarynyň durmuşa geçirilişiniň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyny munuň esasy şerti diýip hasaplaýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan 2028-nji ýyly «Halkara hukugyň ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjy öňe sürýär. Munuň özi parahatçylygyň we hyzmatdaşlygyň halkara hukuk binýatlaryny pugtalandyrmakda möhüm ädim bolar.

***Hanymlar we jenaplar!***

Şu mejlis Türkmenistan üçin aýratyn ähmiýete eýedir. 30 ýyl mundan ozal şu ýerde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamany biragyzdan kabul etdi. Ol ýurdumyz üçin taryhy waka bolup, Türkmenistanyň geljekki daşary syýasy we halkara işini kesgitledi. Biziň Bitaraplygymyzyň halkara derejede ykrar edilmegi daşarky amatly şertleri üpjün edip, döwletimiziň içerki ösüşini işjeňleşdirmäge ýardam berdi. Mümkinçilikden peýdalanyp, Türkmenistanyň halkynyň adyndan BMG-ä agza döwletlere, tutuş dünýä jemgyýetçiligine 1995-nji ýylyň dekabrynda kabul edilen we Baş Assambleýanyň soňky iki Kararnamasy bilen tassyklanan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny ykrar etmek baradaky çözgüt üçin minnetdarlyk bildirmek isleýärin. Türkmenistan özüne bildirilen ynamy hemişe ýatda saklar we öz üstüne alan halkara borçnamalaryna pugta eýerer.

Ähli wekiliýetleri Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň öz işine başlamagy bilen ýene-de bir gezek gutlaýaryn we hyzmatdaşlygymyzy hem-de özara düşünişmegimizi pugtalandyrmakda üstünlikleri arzuw edýärin.

## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISINDEN

25-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisi açyp, hemişe bolşy ýaly, jenaýat edendikleri üçin iş kesilen we eden etmişlerine ökünip, ak ýürekden toba gelen raýatlarymyzyň günäsiniň geçilýändigini, olary jeza çekmekden boşatmak ýaly sahawatly çäreleriň yzygiderli geçirilip durulýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Raýatlyk we günä geçmek meseleleri boýunça teklipleri taýýarlamak baradaky toparyň başlygy B.Gündogdyýewe söz berildi. Ol jenaýat edendikleri üçin iş kesilen raýatlaryň Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramy mynasybetli günäsini geçmek boýunça bu toparyň geçiren işleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, asylly däbimize eýerip, iş kesilen 225 raýatymyzyň ýurdumyzyň Garaşsyzlyk baýramy mynasybetli günäsini geçmek hakynda Permana gol çekýändigini aýtdy. Hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýewe we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde günäsi geçilen adamlaryň ählisini tussaglykdan boşadyp, olar ýakyn wagtda öz öýlerine, maşgala agzalarynyň arasyna barar ýaly, ähli zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow gözegçilik edýän toplumy, hususan-da, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Häzirki wagtda korporasiýa tarapyndan ýurdumyzyň dürli künjeklerinde uglewodorod serişdeleriniň ýerasty gorlaryny anyklamak we ýüze çykarmak işleri alnyp barylýar. Bu işleri ýerine ýetirmekde, gözleg-barlag guýularyny burawlamakda döwrebap tehnologiýalardan netijeli peýdalanylýar. Bu ugurdaky işleriň netijeliligini hasda ýokarlandyrmak üçin düzümiň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga hem-de döwrebaplaşdyrmaga aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ýerasty baýlyklaryny ýüze çykarmak, uglewodorod çig mal binýadyny artdyrmak boýunça netijeli işleri alyp barmagyň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, Arkadagly Gahryman Serdarymyz nebitiň we tebigy gazyň gözlegi boýunça geologiýa işleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek bilen bagly taýýarlanylan teklibi goldap, wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa oktýabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, geljek aýyň dowamynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Ýaşulularyň halkara güni, Hatyra güni, Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni we Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli dürli çärelerdir dabaralary geçirmek meýilleşdirilýär. Şeýle hem oktýabr aýynyň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinden gelip çykýan wezipeleri wagyz etmek maksady bilen, dürli maslahatlaryň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda bellenilýän baýramlar bilen bagly oktýabr aýynda geçiriljek esasy çärelere gowy taýýarlyk görmegiň zerurdygyny nygtady we ulanmaga beriljek medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralaryny ýokary derejede geçirmek, Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni, Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli çärelere gowy taýýarlyk görmek babatda anyk tabşyryklary berdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

NEBIT-GAZ

## NEBITGAZ ULGAMYNYŇ ÜMZÜGI ÖŇE

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýokary depginler bilen durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeler durmuşymyzyň ähli ulgamlaryny gurşap aldy. Munuň özi ýurdumyzyň nebitgaz ulgamyna hem mahsusdyr. Bu ulgam ýurduň ykdysadyýetinde möhüm orun eýeleýär. Şonuň üçin hem pudagy häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk ösdürmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da pugtalandyrmak, bu ugurda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak we önümçilige döwrebap tehnologiýalary yzygiderli ornaşdyrmak boýunça ägirt uly işler alnyp barylýar. Şeýle bolansoň, nebitgaz çykaryjy müdirliklerde hereket edýän guýularda ýokary basyşly gaz göteriş usulyny ulanmak, turba geçirilende parafin çökündileriniň döremeginiň garşysyna ýörite çäreleriň toplumyny amala aşyrmak, täze tehnologiýalary hem-de öňdebaryjy tejribäni yzygiderli özleşdirip, olary önümçilige ornaşdyrmak hem ösüşleriň girewidir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallasy bilen bu pudagyň kärhanalaryny döwrebaplaşdyrmaga we tehniki taýdan enjamlaşdyrmaga uly üns berilýär. Şol bir wagtda hem olaryň önümçilik kuwwatlyklary artdyrylanda, tebigy serişdeleri netijeli ulanmaga mümkinçilik berýän hem-de daşky gurşawyň howpsuzlygyny goramakda edilýän talaplara laýyk gelýän innowasion tehnologiýalary, geljegi uly ylmy-tehniki işläp taýýarlamalary ornaşdyrmak üns merkezinde saklanylýar. Şunuň ýaly çemeleşme dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply nebithimiýa önümleriniň möçberlerini artdyrmaga we görnüşlerini giňeltmäge ýakyndan ýardam berýär.

Mälim bolşy ýaly, geçirilen barlaglaryň netijesinde ýurdumyzyň uglewodorod serişdeleriniň gorlaryna dünýäde baý ýurtlaryň hatarynda ykrar edilmeginiň esasynda eziz Diýarymyzda nebitiň we gazyň çykarylýan we gaýtadan işlenilýän möçberlerini artdyrmaga, energiýa serişdeleriniň eksportynyň çäklerini tapgyrlaýyn giňeltmäge gönükdirilen energetika strategiýasynyň üstünlikli amala aşyrylýandygy guwandyryjy, buýsandyryjy hakykatdyr. Şeýle işleriň geçirilmegi ýurdumyzyň ýerasty baýlyklarynyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga, ýakyn we alys ýurtlar bilen gatnaşyklary berkitmäge, uglewodorod serişdelerini ugradyjylar we sarp edijiler üçin amatly şertleriň döredilmegine, Türkmenistan üçin täze sarp edijileriň bazarlaryny açmaga mümkinçilik berýär we ýurdumyzda işlemek isleýän daşary ýurtly maýa goýujylaryň gyzyklanmalaryny has-da artdyrýar. Çünki biziň ýurdumyzda ägirt uly çig mal gorlary, şeýle-de strategik taýdan möhüm bolan nebit we gaz önümlerini öndüriji we eksport ediji ýurda öwürmek üçin tebigy we tehnologik mümkinçilikler bar. Şeýle bolansoň, «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasynda» nebitgaz pudagyny giň möçberde senagatlaşdyrmak kesgitlenendir. Onda, esasan, üç sany wezipe öňe sürlen. Olar nebitgaz ulgamyny senagatlaşdyrmak, içerki sarp edijileri degişli önümler bilen üpjün etmek hem-de pudagyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmakdyr.

Garaşsyz döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllyk toýunyň toýlanyljak ýyly bolan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda uniwersitetimizde bilim alýan, hünär öwrenýän talyp ýaşlarymyz nebitgaz ulgamyny ösdürmekde alnyp barylýan işlere mynasyp goşandyny goşmaga çalyşýarlar. Olar bu ugurda halkara derejesinde geçirilýän bäsleşiklere gatnaşyp, abraýly orunlara mynasyp bolýarlar. Saýlap alan hünärleriniň hakyky eýesi bolmaga çalyşýan talyplarymyzyň üstünliginde ulgamy ösdürmäge goşýan goşandymyzyň oňyn netijelerini görýäris.

**Annamuhammet MÄMMEDOW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň Balkanabat bölüminiň direktory.**

# BAÝRAMÇYLYK MYNASYBETLI SYLAGLANYŞ DABARASY GEÇIRILDI

**Türkmenistanyň nebitgaz toplumynda ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Batyr Amanowyň ýolbaşçylygynda nebit, gaz, geologiýa pudaklarynda zähmet üstünlikleri bilen tapawutlanýan göreldeli işgärleri döwlet sylaglary bilen sylaglamak dabarasy geçirildi. Oňa nebitgaz toplumynyň ýolbaşçylary we önümçilik düzümleriniň işgärleri, şeýle-de aýdym-sazly çykyşlary bilen «Türkmengaz» DK-nyň Medeni-işewürlik merkeziniň sungat ussatlary gatnaşdylar. Baýramçylyk dabarasynda, ilki bilen, wise-premýer B.Amanow dabara gatnaşyjylary mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramçylygy bilen gutlady we Milli Liderimiziň başlyklylygynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň taryhy ähmiýeti, umummilli forumda ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmak, ulus-ilimiziň durmuş şertlerini gowulandyrmak maksadynda kabul edilen resminamalar barada durup geçdi. Soňra Türkmenistanyň döwlet ministri — «Türkmengaz» döwlet konserniniň başlygy Maksat Babaýew Türkmenistanyň raýatlaryny döwlet sylaglary bilen sylaglamak hakynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Permanyny okady. Baýramçylyk dabarasynda nebitgaz senagatynyň, geologiýa pudagynyň öňdebaryjy işgärlerine wise-premýer B.Amanow tarapyndan döwlet sylaglary gowşuryldy.**

**Biz dabaraly pursatlarda sylag-hormata mynasyp bolan nebitgazçylaryň birnäçesi bilen söhbetdeş bolup, şatlygyny paýlaşdyk. Olaryň buýsançly ýürek sözlerini okyjylarymyza ýetirýäris.**

**Akmyrat GURBANGULYÝEW, «Türkmengaz» DK-nyň Taslama işleri müdirliginiň inžener gözleg, barlag bölüminiň başlygy:**



— Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygy şanly senesine ýurdumyzyň binýatlyk pudagy bolan nebitgaz senagatynyň işgärleri hem zähmet ýeňişleri bilen geldiler. Ýakynda paýtagtymyzda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen çözgütler bizi has-da buýsandyrýar. Umumymilli forumyň çözgütleri bilen bagly nebitgaz toplumynda geçirilen baýramçylyk dabarasynda maňa ýokary döwlet sylagy — «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly gowşuryldy. Şol gün ömrümiň bagtly günleriniň biri hökmünde hakydamda hemişelik orun tutar. Hormatly Prezidentimize zähmetime beren ýokary bahasy üçin çäksiz hoşallyk bildirýärin.

Häzirki wagtda Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň esasy tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat — Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşygy alnyp barylýar. Men hem Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde durmuşa geçirilýän bu möhüm gaz geçirijiniň gurluşygynda işleýändigime buýsanýaryn. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň üns-aladasy bilen nebitgaz toplumy batly depginlerde ösdürilýär. Toplumyň işleriniň ilerlemegi üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Nebitgaz senagatynyň işgärleri ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün edilýär.

Biz — ýangyç-energetika toplumynyň işgärleri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň nebitgaz pudagyny batly depginler bilen ösdürmek hem-de halkara energetika giňişligine goşmak baradaky döwlet syýasatyny üstünlikli amala aşyrmaga öz goşandymyzy goşmakda ýadawsyz zähmet çekjekdigimize ynandyrýarys.

**Ýazberdi BÄŞIMOW, «Türkmennebit» DK-nyň «Nebitgazylmytaslama» institutynyň gatlagyň fizikasy barlaghanasynyň müdiri:**



— Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen nebitgaz senagatynda uly ösüşler gazanylýar. Bu babatda alnyp barylýan işlere «Türkmennebit» döwlet konserniniň işgärleriniň hem saldamly goşant goşýandygyny bellemelidir. Konserniň «Nebitgazylmytaslama» institutynyň işgärleri hem Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredýän amatly şertlerinden netijeli peýdalanyp, «gara altynyň» çykarylyşyny artdyrmakda, nebitiň gözleg, barlag, taslama işlerinde ýadawsyz zähmet çekmek bilen, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny üstünliklere beslemegi maksat edinýärler.

Ýakynda bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň çözgütleri alyp barýan işlerimiziň depginini öňküden-de güýçlendirmäge borçlandyrýar. Ýurdumyzda zähmet adamsyna uly hormat goýulýar, her bir işgäriň, hünärmeniň işine mynasyp baha berilýär. Nebitgaz toplumynyň işgärleriniň ençemesi bilen birlikde, men hem döwlet sylagyna mynasyp boldum. «Türkmenistanyň at gazanan senagat işgäri» diýip adyň dakylandygyna begenjimiň, buýsanjymyň çägi ýok. Çeken zähmetime ýokary baha beren hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýaryn. Bu biziň ylmy edaramyza berlen ýokary baha diýip düşünýärin.

Ýurdumyzda halypa-şägirtlik ýoluna içgin üns berilýär. Biz halypa ylmy işgär hökmünde ähli başarnygymyzy ýaş şägirtlerimize öwretmäge, olaryň kämil işgärler bolup ýetişmegine uly üns berýäris. Geljekde hem nebit işlerinde alyp barýan ylmy taslamalarymyzyň netijeliligini ýokarlandyryp, önümçilige ornaşdyrarys.

**Bazar ÇOPANOW, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň Geologik maglumatlar merkeziniň baş geology:**



— «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýen şygar astynda geçýän 2025-nji ýyl hakydamda hemişelik orun tutar. Ýurdumyzyň baş baýramynyň — Garaşsyzlyk gününiň öňüsyrasynda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisi mende ýakymly täsir galdyrdy. Bu taryhy forumda döwlet ähmiýetli meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy we möhüm kararlar kabul edildi.

Maňa mukaddes Garaşsyzlyk baýramçylygynyň toýlanýan günlerinde Türkmenistanyň nebitgaz toplumynyň merkezi binasynda geçirilen dabaraly ýagdaýda döwlet sylagynyň — «Gaýrat» medalynyň gowşurylanlygyna buýsanýaryn. Döwlet sylagy meni geljekde hem ýadawsyz zähmet çekmäge ruhlandyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çuň mazmunly taryhy çykyşlary eziz Watanymyza bolan buýsanjymyzy artdyrdy we täze zähmet üstünliklerine badalga berýär. Umummilli forumda geljek döwür üçin öňümizde uly wezipeler goýuldy, biziň olary tutanýerli zähmetimiz bilen amala aşyrjakdygymyza berk ynamymyz bar.

Döwlet sylagyny ykdysadyýetiň geljegi uly bolan we sazlaşykly ösýän pudagyna mynasyp goşantlaryny goşýan ähli nebitgazçylaryň, geologlaryň tutanýerli zähmetine berlen ýokary baha diýip hasaplaýaryn. Mümkinçilikden peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize zähmetime beren ýokary bahasy üçin çäksiz hoşallygymy beýan edýärin. Döwlet sylagy maňa eziz Watanymyzyň şan-şöhraty üçin täze işlere güýç-gaýrat berýär.

**Maýagül GAFUROWA, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky HNGU-nyň dosenti, tehniki ylymlaryň kandidaty:**



— Garaşsyzlyk baýramy her bir türkmeniň kalbynda besleýän, hasyl bolan arzuwlarynyň datly miwelerini eçilýän şanly baýramçylykdyr. Döwlet Baştutanymyzyň bu şanly baýramyň öňüsyrasynda zähmetde gazanan üstünlikleri bilen tapawutlanan ýurdumyzyň raýatlaryny Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli döwlet sylaglary bilen sylaglamagy ildeşlerimizi täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar.

Şanly Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramynyň uludan toýlanylýan günleri meniň üçin hem ýatdan çykmajak buýsançly pursatlara beslendi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň degişli Permany bilen, «Watana bolan söýgüsi üçin» medalyna mynasyp boldum. Baş baýramymyzyň şanly senesi mynasybetli şeýle uly döwlet sylagynyň gowşurylmagy toý şatlygymy has-da artdyrdy. Men 50 ýyl töweregi wagt bäri mugallymçylyk kärinde işläp gelýärin. Ata Watanymyzy bedew bady bilen ösüşleriň täze belentliklerine alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

**Taýýarlan Mämmet MÄMMEDOW, NEBIT-GAZ**

## GARAŞSYZLYK KÖŇÜLLERIŇ BUÝSANJYDYR

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» ýurdumyzda alnyp barylýan durmuş-ykdysady syýasatyň esasy ugurlaryny özünde jemleýär. Ýurdumyzda önümçilik toplumlarydyr durmuş maksatly desgalaryň, tutuş obalaryň we şäherleriň gurulmagy döwrümiziň beýik ösüşleriniň nyşanydyr. Golaýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde ýerleşýän çüýşe önümlerini öndürýän önümhanasynyň dabaraly ýagdaýda açylmagy,



Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde täze Döwletli mekan, Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginde Bagtly zamana obalarynyň, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginde bolsa Bitaraplyk şäherçesi bilen birlikde döwrebap awtomobil köprüsiniň ulanmaga berilmegi Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda halkymyz üçin ajaýyp toý sowgady boldy.

Bu günki guwandyryjy ösüşlerimiz türkmen döwletliliginiň synmaz sütüni bolan beýik Garaşsyzlygymyzdan, ata-babalarymyzyň asylly ýörelgelerinden gözbaş alýar. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň baýramynyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň geçirilip, ähli ulgamlarda gazanylan üstünliklere baha berilmegi, täze maksatlara ýetmek üçin wajyp wezipeleriň kesgitlenilmegi hem muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

**Azymgeldi NURYÝEW, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.**

## EKOLOGIK ABADANÇYLYK ÜNS MERKEZINDE

Türkmenistan halkara derejede möhüm başlangyçlar bilen yzygiderli çykyş edip, bar bolan ekologiýa meselelerini çözmäge hem-de olaryň öňüni almaga täze çemeleşmeleri öňe sürýär.

«Altyn asyr» Türkmen kölüniň döredilmegi ekologik abadançylygy üpjün etmäge uly goşant boldy. Munuň özi Garagum sährasynyň howasynyň gowulanmagyna, haýwanat hem-de ösümlik dünýäsiniň baýlaşmagyna oňyn täsir etdi. Onda balyklaryň 20-ä golaý görnüşi mesgen tutdy. Suwda ýüzýän guşlaryň sany hem artdy.

Garagum sährasynyň özboluşly, gaýtalanmajak tebigaty bardyr. Ähli sebitlerimizi birikdirýän bu uly giňişligiň öri meýdanlarynyň ulanylmagynyň kadalaşdyrylmagy we beýleki ençeme çäreler ýurdumyzyň hem-de tutuş sebitiň ekologik ýagdaýynyň gowulanmagyna getirdi. Tebigatyň özboluşly durkunyň saklanmagynda dag eteklerinde amala aşyrylan bag ekmek işleriniň hem aýratyn ähmiýetlidigini bellemek gerek. Aşgabat, Arkadag şäherleriniň, Ahal welaýatynyň günorta taraplary tokaý zolaklaryna öwrülýär. Döredilýän tokaýlar, baglyk meýdanlar tebigy sazlaşygy emele getirip, ekologik abadançylygy üpjün etmek bilen birlikde, ösümlik, haýwanat dünýäsiniň, guşlaryň artmagy üçin şertleri döredýär.

Bu günki gün Aşgabat şäheriniň günortasynda umumy uzynlygy 30 kilometrden geçýän Saglyk ýolunyň töwereklerinde, esasan hem, ilersinde erkana otlap ýören keýik sürüleri biziň hemmämizi guwandyrýar. Bu tebigata ýyly mähir, ynsanperwerlik bilen garalýandygynyň netijesidir. Tebigatyň islendik görnüşiniň azalmagynyň, ýitmeginiň umumy sazlaşygyň bozulmagyna eltýändigini ýatdan çykarmaly däldir. Uçdantutma ähli janly-jandarlaryň tebigatda öz orny bardyr.

**Hudaýberdi IŞANÝAZOW, Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýetiniň Ahal welaýat bölüminiň başlygy.**

# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ MEJLISINE GATNAŞYJYLARA SÖZ BERÝÄRIS

**Çary ÇARYÝEW, «Türkmengaz» DK-nyň Nebitgaz toplumynyň senagat desgalarynyň maýa goýum we tehnologik taslamalaryny döwlet seljeriş müdirliginiň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji:**



— Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine gatnaşmak meniň üçin uly hormat we jogapkärçilik boldy, onda berkarar Watanymyzy geljekde hem ösdürmegiň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Däp bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň çykyşynda milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda ýerine ýetirilen işlere baha berildi we pudaklary mundan beýläk-de ösdürmek boýunça wezipeler kesgitlenildi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň nebitgaz pudagyna we onuň halkara energetika ulgamyna işjeň goşulyşmagyna uly üns berdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz täze, döwrebap desganyň — Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň nebit we nebit önümleri guýulýan gämi duralgasynyň işe girizilmeginiň ähmiýetini belledi. Täze desga ýurdumyzda öndürilýän uglewodorod serişdeleriniň eksport möçberini artdyrmaga we olary ygtybarly ibermäge mümkinçilik berýär.

Işimize berlen ýokary baha nebitgaz pudagynyň işgärlerini täze üstünliklere ruhlandyrýar. Öňde goýlan maksatlary durmuşa geçirmek üçin ähli bilimlerimi we tejribämi ulanjakdygyma ynandyrýaryn.

**Italmaz ITALMAZOW, «Türkmennebit» DK-nyň Işgärler we hukuk müdirliginiň başlygy:**



— Ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň öň ýanynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň dowamynda döwletimiziň içeri we daşary syýasaty bilen baglylykda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny ösdürmek boýunça anyk teklipler garaldy.

Biz türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň çykyşlaryny uly üns bilen diňledik.

Durmuş ulgamy Halk Maslahatynyň hemişelik üns merkezinde durýar, bu meselä aýratyn ähmiýet berilýär, sebäbi hut durmuş ulgamy adamlaryň rowaçlygyny we abadançylygyny üpjün edýär. Ýurdumyzyň tebigy baýlyklarynyň, ykdysadyýetiň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmeginiň, halkara hyzmatdaşlygynyň we durmuş kepillikleriniň ilatyň abadançylygyna ýardam edýän esasy ýagdaýlar bolup durýandygy bolsa mese-mälimdir.

Dürli ugurlarda geçirilýän özgertmeler syýasatynyň ilatymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilmegi diýseň guwandyrýar we buýsandyrýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň dowamynda teklip edilen hem-de kabul edilen resminamalaryň bagtyýar halkymyzyň durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga ýardam etjekdigine ynanýaryn.

**Çeper BABAÝEWA, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň geofizika bölüminiň baş hünärmeni:**



— Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine gatnaşmak bilen, men möhüm taryhy waka dahylly bolmak, eziz Watanymyzyň ykbalyny çözýän halkymyz bilen bir bolmak duýgusyny başdan geçirdim.

Bu gezek mejlis Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirildi, bu bolsa oňa aýratyn ähmiýet berdi. Mejlisde «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň kabul edilmegi ýatdan çykmajak waka boldy, taryhy resminama ýurdumyzyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslaryny hem-de onuň halkara gatnaşyklarynda durmuşa geçirilmeginiň ýörelgelerini we maksatlaryny kesgitleýär.

Biz hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna döwlet Garaşsyzlygynyň güni, parahatçylygyň we döredijiligiň ýolunda gazanylan üstünlikler mynasybetli köp sanly gutlaglara tüýs ýürekden goşulýarys.

**Taýýarlan Leýli AŞYROWA,**
**NEBIT-GAZ**

# YKDYSADY ÖSÜŞDE «ÝAŞYL» ENERGETIKANYŇ ORNY

«Ýaşyl» energetikanyň dünýä ykdysadyýetine ýetirýän oňyn täsiri eýýämden duýulýar. Bu pudak täze iş orunlaryny döretmäge, gazylyp alynýan serişdelere garaşlylygy peseltmäge, innowasiýalaryň işlenip taýýarlanmagyny hem-de ornaşdyrylmagyny çaltlandyrmaga uly goşant goşýar. Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri bilen bagly maksatnamalar ykdysadyýete maýa goýumlary çekmäge hem-de energiýany öndürmek üçin çykdajylary azaltmaga kömek edýär. Şoňa görä-de, «ýaşyl» energetika diňe bir abadan geljegiň ýoly bolman, eýsem, innowasiýalara we täze tehnologiýalara daýanmak arkaly ykdysady ösüşi gazanmaga mümkinçilik döredýär.

Dünýä tejribesi «ýaşyl» energetika geçmegiň zähmet bazarynda uly özgerişlere getirýändigini görkezýär. Innowasion ykdysadyýetiň ösdürilmegi netijesinde gazylyp alynýan ýangyjy öndürmek we gaýtadan işlemek bilen bagly iş orunlarynyň ähmiýeti peselip, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini işläp taýýarlamak hem-de olara hyzmat etmek bilen bagly hünärlere isleg artýar. Häzirki wagtda Gün we ýel elektrik beketlerinde tehnologiýalara hyzmat edýän hem-de olary bejerýän inženerleriň uly topary zähmet çekýär. Bu hakykaty Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri boýunça halkara agentlik (IRENA) hem-de BMG-niň ýörite düzümi bolan Halkara zähmet guramasy (ILO) tarapyndan taýýarlanylan «Gaýtadan dikeldilýän energiýa we iş orunlary: ýyllyk syn 2024» diýen beýanatda-da görmek bolýar. Oňa laýyklykda, «ýaşyl» energetika pudagynda bütin dünýäde jemi 16,2 milliondan gowrak hünärmen zähmet çekip, olaryň 7,1 milliony Günüň energiýasyny özleşdirmek, 2,8 milliony suwuk bioýangyç önümçiligi, 2,3 milliony suw elektrik beketleri, 1,5 milliony ýel elektrik beketleri, 0,3 milliondan gowragy biogaz önümçiligi, 0,2 milliona golaýy geotermal energiýa bilen baglanyşykly ugurlarda işleýär. Beýanatda «ýaşyl» energetika pudagynda iş orunlarynyň uly böleginiň Hytaý, Hindistan, ABŞ, Ýewropa Bileleşigi, Braziliýa, Ýaponiýa, Wýetnam ýaly köp ilatly ýurtlarda döredilendigini görmek bolýar.

Ýeri gelende, «ýaşyl» energetika pudagynyň ösüşinde iň çalt ilerleýän ugruň Gün energetikasydygyny bellemeli. XXI asyr üçin gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerine çalt geçmäge ýardam bermek boýunça döredilip, bütindünýä döwlet-hususy hyzmatdaşlygyndaky iri düzüm bolan REN21 guramasynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri 2025: bütindünýä derejesindäki ýagdaý barada hasabat» diýen synynda bellenilişine görä, 2024-nji ýylda Ýer ýüzünde umumy kuwwaty 741 gigawata barabar bolan Günüň ýagtylygynda elektrik energiýasyny öndürýän gurluşlar ornaşdyrylypdyr. Bu görkeziji «ýaşyl» energetika pudagynda ýylyň dowamynda ornaşdyrylan ähli täze kuwwatlyklaryň 81 göterimine barabardyr. Sanawda Gün energiýasyndan soňky orunlary 16 göterim bilen ýel energiýasy, 2 göterim bilen gidroelektrik desgalar we beýlekiler eýeleýär. Bütindünýä derejesinde 2024-nji ýylda energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriniň umumy ösüş depgini 18 göterime deňdir. Şeýle hem 2030-njy ýyla çenli bütin dünýäde gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden alynýan elektrik energiýasynyň kuwwatyny iki esseden hem gowrak artdyrmak, ýagny häzirki 4 müň 770 gigawatdan 11 müň gigawata ýetirmek maksat edinilýär. Şonda Günden alynýan elektrik energiýasynyň paýynyň, takmynan, 6 müň gigawata, ýel energiýasynyň bolsa 3 müň gigawata barabar bolmagyna garaşylýar.




2010-njy ýyldan bäri bütin dünýäde gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden alynýan elektrik energiýasynyň ortaça bahasy birsydyrgyn peselýär

Elektrik energiýasynyň durmuş-ykdysady maksatlar üçin ulanylyşy ýylsaýyn artýar. Halkara energetika agentliginiň bütindünýä derejesinde elektrik energiýasynyň öndürilişi hem-de sarp edilişi bilen bagly 2025-nji ýyldaky «Dünýäniň energiýa hasaby» (World Energy Balances) diýen synyna laýyklykda, 2024-nji ýylda Ýer ýüzünde elektrik energiýasynyň sarp edilişi örän ýokary derejä ýetip, 2023-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 2,2 göterim ýokarlandy. Munuň esasy sebäbi ykdysady taýdan ösýän ýurtlaryň zerurlyklary, howanyň aşa gyzmagy, emeli aň we beýleki tehnologiýalar üçin ägirt uly maglumat merkezleriniň döredilmegi, senagat we ulag pudaklarynda elektrik energiýasynyň sarp edilişiniň artmagy bilen baglanyşyklydyr. 2022-nji ýylyň maglumatlaryna laýyklykda, dünýä derejesinde sarp edilýän energiýanyň 34 göterimi senagatyň pudaklarynyň, 31 göterimi binalaryň we desgalaryň, 31 göterimi ulag pudagynyň, 2,5 göterimi oba hojalygynyň paýyna düşýär.

Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň esasy artykmaçlyklarynyň biri hem energiýany öndürmek we sarp etmek bilen bagly harajatlaryň yzygiderli peseldýänligidir. Tehnologiýalaryň kämilleşmegi bilen, Gün panelleriniň we ýel elektrik desgalarynyň netijeliligi ýokarlanýar hem-de bahalary arzanlaýar. Bu bolsa elektrik energiýasyny öndürmegiň özüne düşýän gymmatyny peseldýär. IRENA tarapyndan 2023-nji ýylda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden öndürilýän energiýanyň bahasy bilen baglanyşykly taýýarlanylan syna laýyklykda, «ýaşyl» energiýanyň özüne düşýän gymmaty 2010-njy ýyldan bäri yzygiderli peselýär. Degişli döwürde gazylyp alynýan ýangyçlardan energiýa öndürmegiň harajatlary bolsa ýylsaýyn ýokarlanýar. 2010-njy ýyl bilen deňeşdirilende, elektrik energiýasynyň özüne düşýän gymmatynyň 2023-nji ýylda binalardyr desgalarda ornaşdyrylýan ýagtylyk elektrik panellerinde 90 göterim, gury ýerdäki ýel desgalarynda 70 göterim, deňizlerdäki ýel elektrik beketlerinde 63 göterim, Gün energiýasyny toplaýan gurluşlarda 70 göterim arzanlandygyny görmek bolýar. 2023-nji ýylda täze ornaşdyrylyp, umumy kuwwaty 473 gigawata barabar bolan «ýaşyl» tehnologiýalaryň 81 göterimi elektrik energiýasyny gazylyp alynýan ýangyja garanyňda arzan öndürmäge mümkinçilik berýär. Sarp edijiler üçin elektrik energiýasynyň bahalarynyň peselmegi ykdysadyýeti we işewürligi ösdürmek üçin oňaýly şertleri döredýär.

Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini özleşdirmegiň başlangyç tapgyrda ozal bar bolan infrastrukturanyň üýtgedilmegi üçin wagty, serişdeleri hem-de uly maýa goýumlary talap edýändigini hem bellemek gerek. Emma täze iş orunlarynyň döredilmegi, energiýanyň özüne düşýän gymmatynyň peselmegi, ekologiýa taýdan arassalygy, adamlaryň saglygy üçin zyýansyzlygy, iň esasy-da, gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriň gorlarynyň tükeniksiz bolmagy ahyrky netijede «ýaşyl» energetikanyň ykdysady taýdan bähbitlidigini görkezýär.

Ösüp barýan döwletler «ýaşyl» energetika geçmekde uzak ýyllaryň dowamynda özleşdirilen dünýä tejribesiniň iň soňky gazananlaryny, iň häzirki zaman «ýaşyl» çözgütleri ornaşdyrmaga oňaýly mümkinçilik alýar. Bu ugurda Türkmenistanda hem anyk maksatlardyr wezipeler goýlup, iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Tebigy baýlyklaryň uly gorlaryna eýe bolan ýurdumyz energiýa serişdelerini diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly häzirki döwürde «ýaşyl» energetika geçmekde ynamly ädimleri ädýär. Ýylyň dowamynda açyk howaly günleriň köp bolmagy, aýry-aýry sebitlerde ýeliň, suwuň, geotermal çeşmeleriň energiýasyny peýdalanmagyň mümkinçilikleri pudagy ösdürmekde giň şertleriň bardygyny aňladýar. Bu ugurda ýöriteleşen halkara guramalar we maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlyga hem uly ähmiýet berilýär. Arkadag şäherinde häzirki zaman «ýaşyl» çözgütleriň ornaşdyrylmagy, Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda kuwwaty 10 megawat bolan köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň gurulmagy, täze gurlup ulanmaga berilýän önümçilik we durmuş maksatly desgalarda energiýa tygşytlaýjy hem-de gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerine esaslanýan tehnologiýalaryň bolmagy anyk işleriň aýdyň mysallarydyr.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýaşyl zolaklary köpeltmek, tebigy köpdürlüligi gorap saklamak, sirkulýar ykdysadyýeti ösdürmek, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň mümkinçiliklerini peýdalanmak, metan zyňyndylaryny peseltmek, raýatlaryň ekologik medeniýetini kämilleşdirmek ýaly başlangyçlaryň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna öwrülmegi şu günümiziň we geljegimiziň röwşen bolmagyny gazanmaga, gözel tebigatymyzyň baýlyklaryny we abadan daşky gurşawy geljekki nesillere miras galdyrmaga ýardam eder.




**Ahmet GELDIÝEW, «Watan» gazetiniň bölüm redaktory.**




# HALK MASLAHATYNYŇ ÇÖZGÜTLERI HALKYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRILENDIR

**Ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet syýasaty ilatymyzyň ata-babalarymyzyň wesýetlerine hem demokratik däplerine berk ygrarlylygyny görkezýär. Türkmenistanyň Halk Maslahaty munuň aýdyň subutnamasydyr. Türkmeniň islendik işi geňeş esasynda ýerine ýetirmegi asyrlar boýy mizemez ýörelgeleriniň biri hasaplanýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu ýörelge milli kanunçylyk-hukuk binýady esasynda berkidilip döwrebaplaşdyryldy.**



Ýakynda geçirilen maslahatyň dowamynda Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanylan üstünlikleri berkitmegiň ýollary, jemgyýetde demokratik ýörelgeleri pugtalandyrmak, döwletimizi hemmetaraplaýyn ösdürmek we halkymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem Halk Maslahatynyň agzalary tarapyndan degişli pikir-garaýyşlar, teklipler hödürlenildi. Bu bolsa jemgyýetiň ähli gatlagynyň ýurt dolandyrylyşynda uly orun eýeleýändigini alamatlandyrýar. Soňky ýyllarda alnyp barlan işleriň netijesinde Türkmenistanyň syýasy giňişlikdäki abraýy artdy. Daşary ýurtlar bilen dostlukly, deňhukukly we hoşniýetli gatnaşyklar ýola goýuldy.

Halk Maslahatynyň dowamynda Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Bitaraplygynyň diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň gymmatlygydygyny, Bitaraplygyň biziň parahatçylygy we hyzmatdaşlygy ündeýän, halklary dost-doganlyga, agzybirlige çagyrýan işlerimizi dünýä ýaýýan taglymatdygyny belledi.

Şeýlelik bilen, nobatdaky Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde eziz Watanymyzyň röwşen geljegini gurmak we Diýarymyzy öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna çykarmak boýunça öňde duran wezipeler kesgitlenildi.

**Altyn HUDAÝBERDIÝEWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky HNGU-nyň mugallymy.**

## ŞÖHRATA BESLENEN ÝYLLAR

Hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk şanly toýuna barýan Türkmenistan Watanymyz dünýäde parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerini wagyz etmek, halkara guramalaryň çäklerinde umumadamzat bähbitli başlangyçlary we teklipleri öňe sürmek ugrunda uly işleri alyp barýar. Halkara gatnaşyklarda parahatçylyk we ynanyşmak däplerini ilerledip, medeni dialogy, hoşniýetli goňşuçylygy, birek-birege hormat goýmagy berkitmek, özara ynanyşmagy pugtalandyrmak maksady bilen netijeli işleri amala aşyrýar.



Häzirki döwürde giň gerimli özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilip, milli ykdysadyýetimiz durnukly ösdürilýär, pudaklarda oňyn netijeler gazanylyp, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlanýar. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň toýlanan ýylynyň başyndan bäri ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ösüş depgini bir durkunda saklanýar.

Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmagyň esasy guraly bolan maýa goýumlar yzygiderli artyp, olaryň köp möçberde önümçilik ulgamyna gönükdirilmegi eziz Diýarymyzyň ýokary depginli senagat-innowasion ösüşini üpjün edýär. Halkara maliýe guramalary we reýting kompaniýalary tarapyndan Türkmenistanyň ykdysady ösüşine berilýän oňyn bahalar döwletimiz tarapyndan oýlanyşykly durmuş-ykdysady syýasatyň amala aşyrylýandygyna, netijeli döwlet dolandyrylyşynyň üpjün edilýändigine, ykdysadyýetiň pudaklaryny durnukly ösdürmek we diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça çäreleriň, maksatnamalaryň üstünlikli ýerine ýetirilýändigine şaýatlyk edýär.

**Akjagül GURBANMYRADOWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.**

## GARAŞSYZLYK — GUWANJYMYZ

Mukaddes ýurt Garaşsyzlygymyz halkymyzyň asyrlaryň dowamynda arzuw edip ýeten gymmatlygydyr. Hut şol sebäpli Garaşsyzlyk guwanjymyzdyr, gözümiziň göreji deý gorap saklaýan baýlygymyzdyr.

Mundan 34 ýyl ozal gazanan Garaşsyzlygymyz türkmen halkymyzy özbaşdak döwlete, ýurdumyzdan, mähriban topragymyzdan öňýän milli baýlyklarymyza eýe etdi. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, bu günki gün şol milli baýlyklarymyz — tebigy we oba hojalyk ulgamyndan alynýan çig mal gorlarymyz senagatda gaýtadan işlenip, dünýä ýurtlaryna eksport edilýär. Häzirki döwürde importyň ornuny tutýan önümleri özümizde öndürmek we olaryň ilatyň sarp edýän möçberinden artygyny dünýä bazarlaryna çykarmak ugrunda yzygiderli işler alnyp barylýar. Azot, karbamid ýaly oba hojalyk dökünlerini, zamanabap polietilen we polipropilen öndürýän zawodlar, kärhanalar döredilip, häzirki zaman halkara awtomobil we demir ýollary, deňiz, howa ulaglary arkaly dünýä sarp edijilerine ýetirilýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramyny uly dabaralara beslän halkymyz milli ykdysadyýetimizi, döwletimiziň demokratik, hukuk we dünýewi esaslaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmak ugrunda alnyp barylýan işlere mynasyp goşandyny goşmak üçin el-ele berip, agzybirlikde, jebislikde yhlasly, halal zähmet çekýär.

**Mährijemal GURBANOWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň öwreniji mugallymy.**

# MILLI DEMOKRATIÝAMYZYŇ AÝDYŇ ŞÖHLELENMESI



Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen Prezident Respublikasy görnüşinde dolandyrylýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň özboluşly hem-de dünýä nusgalyk ýoly bardyr. Bu ýol ata-baba dowam edip gelýän milli demokratik ýörelgeler bilen häzirki zaman döwlet gurmagyň tejribesine daýanmak esasynda saýlanylyp alyndy.

Ýurdumyzyň içeri syýasatynyň many-mazmun babatda dowamy bolan daşary syýasaty döwletimiz tarapyndan hemişelik üns bilen gurşalyp alnandyr. Dünýäde we sebitde ýüze çykýan her bir mesele döwletimiziň ünsünden sowa geçmeýär. Olaryň hemmä bähbitli bolan usullarda çözülmegi üçin Türkmenistan tarapyndan hemişe dünýä bileleşiginiň makullamasyna we goldawyna mynasyp bolýan başlangyçlar öňe sürülýär.

Şu hili özara bähbitli gatnaşyklaryň çygrynda Türkmenistanyň Halk Maslahaty diňe bir ýurduň içinde abadanlygy, asudalygy, jebisligi berkarar etmäge mynasyp goşant goşýan ýokary wekilçilikli edara bolmak bilen çäklenmän, eýsem, halkara gatnaşyklary bilen bagly konstitusion kanunlara, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna seredýän, olary kabul edýän edaradyr. Ol halkymyzyň döwlet dolandyryşynda döwürleriň, eýýamlaryň synagyndan geçen milli demokratik däplerinden, durmuş ýörelgelerinden gözbaş alyp, raýat jemgyýetiniň kämilleşdirilmegine, wekilçilikli häkimiýet edaralarynyň işini ösdürmäge, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň hukuk esaslaryny pugtalandyrmaga, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň goraglylygynyň has ygtybarly bolmagyna uly ýardam edýär.

**Altyn BABAÝEWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň öwreniji mugallymy.**

## TÄLEÝNAMA

**2025-nji ýylyň 29-njy sentýabry — 5-nji oktýabry**

**HAMAL** (guzy 21.03-20.04)

Hamal ýyldyzynyň astynda doglan adamlar üçin oktýabr aýy garaşylmadyk ýagdaýlar bilen başlanyp biler. Şonuň üçin hem size ünsli we seresap bolmak maslahat berilýär. Ýalňyşlyklara ýol bermezlik üçin her bir işde ýüregiňiziň sesini diňläp, çözgüdine parasatly çemeleşmäge synanyşyň.

**SOWUR** (öküzçe 21.04-20.05)

Täze aýyň ilkinji günleri sowurlar üçin ýakyn adamlary bilen gatnaşyklaryny berkitmegiň hem-de geljekki maksatlaryny kesgitlemegiň döwri bolar. Ýakynlaryňyz bilen gatnaşyklaryňyzdaky we işiňizdäki özgerişlikler durmuşyňyza sazlaşyk getirer.

**JÖWZA** (ekizekler 21.05-21.06)

Şu hepdede jöwzalaryň durmuşy asuda bolup, uly özgerişliklere garaşylmaýar. Ähli işler hut siziň meýilleşdirişiňiz ýaly amala aşar. Siz islendik işde ynamly hereket edip bilersiňiz. Bu günler maddy ýagdaýyňyzy durnuklaşdyrmak üçin hem oňaýly döwürdir.

**SERETAN** (leňňeç 22.06-22.07)

Ýyldyzlar seretanlara bilini berk guşap, täze özgerişliklere taýýar bolmalydygyny duýdurýarlar. Aýyň başynda iş bilen bagly aladalaryňyzyň artmagy mümkin. Olardan baş alyp çykmagyň diňe öz yhlasyňyza we tutanýerliligiňize baglydygyny unutmaň.

**ESET** (ýolbars 23.07-23.08)

Esetlere oktýabr aýynyň başynda düýpli özgertmelerden we töwekgelçilikli ýagdaýlardan saklanmak maslahat berilýär. Bu döwürde işdäki jogapkärçiligiňiziň ýa-da aladalaryňyzyň artýandygyna garamazdan, şahsy durmuşyňyz ýakymly pursatlara beslener.

**SÜNBÜLE** (gyz 24.08-23.09)

Hemişe özgelere kömek etmäge werziş bolan sünbülelер ýakyn günlerde, ilki bilen, özleriniň abadançylygyna ähmiýet bermelidir. Maksatlaryňyza tarap ynamly ymtylyp, öz bähbitleriňizi ileri tutmasaňyz, şowsuzlyga uçramagyňyz ýa-da säwlige ýol bermegiňiz ahmal.

**MIZAN** (terezi 24.09-23.10)

Şu hepdede mizanlaryň durmuşy has-da işjeňleşip, uzak ýola sapara gitmeli ýa-da garaşylmadyk işi ýerine ýetirmeli bolmagy ähtimal. Öz mümkinçilikleriňize dogry baha berip, adamlar bilen gatnaşyklarda hoşamaý we adalatly bolmak sizi maksadyňyza ýetirer.

**AKRAP** (içýan 24.10-22.11)

Akraplar täze aýyň ilkinji günlerinde her bir ädimi oýlanyşykly ätmelidirler. Iş ýeriňizi üýtgetmek, gymmat bahaly zatlary satyn almak bilen bagly işlerde töwekgelçilikden saklanmak dogry bolar. Çylşyrymly ýagdaýlarda ýakynlaryňyzyň goldawyna bil baglap bilersiňiz.

**KOWUS** (keman 23.11-21.12)

Güýzüň ikinji aýy kowuslar üçin asuda günler bilen başlanar. Bu döwürde işleriň azlygy sebäpli tukatlyga düşmekden saklanyň. Maşgala agzalaryňyz bilen köpräk wagt geçirmek, ýaşaýan ýeriňize käbir üýtgetmeleri girizmek şähdiňizi açmaga kömek eder.

**JEDI** (owlak 22.12-20.01)

Ýakyn günlerde maddy ýagdaýlarynyň durnuklaşmagy we iş aladalarynyň azalmagy jedi ýyldyzynyň astynda doglan adamlara şahsy durmuşyny has gowy ugra gönükdirmäge mümkinçilik döreder. Bu döwür jedilere döredijilik bilen meşgullanmak üçin hem oňaýlydyr.

**DALUW** (gowa 21.01-20.02)

Oktýabr aýynyň başynda daluwlaryň durmuşy gyzykly pursatlara, şatlykly wakalara baý bolar. Emma bu döwürde pul serişdeleriňizi oýlanyşykly peýdalanyp, täze taslamalary durmuşa geçirmäge girişmekden wagtlaýyn saklanmak maslahat berilýär.

**HUT** (balyk 21.02-20.03)

Hut ýyldyzynyň astynda doglan adamlar üçin täze aýyň başy hem şowly, hem çylşyrymly döwür bolup biler. Işleriňiziň ugruna, şahsy durmuşyňyzyň bolsa durnuklydygyna garamazdan, ruhy çökgünlige düşmegiňiz ähtimal. Munuň öňüni almak üçin özüňizi kämilleşdirmäge ymtylyň.

# ÝURDUMYZDA BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ ŞANLY 34 ÝYLLYGY GIŇDEN BELLENILDI

## DÖWLETLI ÝÖRELGELER ROWAÇLANÝAR

Halk bilen geňeşmek — döwletliligiň binýady. Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde hem-de hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda — 19-njy sentýabrda paýtagtymyz Aşgabatda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň geçirilmegi halkymyzyň milli demokratik däpleriniň häzirki zaman tejribeleri bilen baýlaşdyrylýanlygyna şaýatlyk edýär.

Halk Maslahatynyň mejlisinde döwlet ähmiýetli, il-ýurt bähbitli soraglary halk bilen maslahatlaşyp çözmekde toplanan milli tejribämizden ugur alnyp, Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan üstünliklerimizi has-da berkitmek, halkymyzyň abadan ýaşaýşynyň bähbidine öňde duran möhüm meseleleri maslahatlaşyp, anyk wezipeleri kesgitlemek babatda döwletli başlangyçlar we çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiziň Halk Maslahatynyň mejlisinde eden taryhy ähmiýetli çykyşynda: «Biz nebitgaz pudagyny giň gerim bilen ösdürmäge we onuň halkara energetika ulgamyna işjeň goşulyşmagyna gönükdirilen syýasaty üstünlikli durmuşa geçirýäris. Ýurdumyzda uglewodorod serişdelerini gazyp almak, gaýtadan işlemek we eksport etmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar» diýip bellemegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň biriniň okgunly ösüşine şaýatlyk edýär. Ýurdumyzda Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň esasy tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat — Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşygynyň alnyp barylmagy, «Galkynyş» gaz käniniň tapgyrlaýyn esasda özleşdirmek işleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmegi uglewodorod serişdeleriniň eksport möçberini artdyrmaga we olary ygtybarly ibermäge mümkinçilik berýär.

**Aýbölek ATAMYRADOWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.**

## HEMIŞELIK BITARAPLYGYMYZ — MÜDIMI TAGLYMAT

Türkmenistanyň parahatçylygy we abadançylygy üpjün etmek boýunça öňe sürýän başlangyçlary halkara giňişlikde uly goldawa eýe bolýar. Eziz Watanymyz dünýäde hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi üç gezek ykrar edilen ýeketäk ýurtdur. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ykrar edilmeginiň şanly senesiniň Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygy bilen gabat gelmegi aýratyn manymazmuna eýedir.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýuny toýlaýarys. Elbetde, munuň özi dünýäde parahatçylygyň, ynanyşmagyň, hoşniýetliligiň dabaralanmasydyr. Hemişelik Bitaraplyk — bu halkymyzyň aňyna, ruhuna, milliligine ornaşan müdimi taglymat bolup, ýurdumyzyň, hoşniýetli halkymyzyň abraý-mertebesini tutuş äleme ýaýdy. Ynamly ädimler bilen öňe gitmäge, asudalykda, agzybirlikde ýaşamaga giň ýol açyp, ynsanperwerlik, parahatçylyk ýol-ýörelgelerimizi dünýäde giňden dabaralandyrdy.

Hemişelik Bitaraplygymyz milli bähbitleri amala aşyrmagyň has kabul ederlikli nusgasy bolmak bilen, ýurdumyzyň taryhy, geosyýasy, medeni ýörelgelerine laýyk gelip, dünýä giňişliginde, şeýle hem içerki ösüşde Türkmenistanyň üstünlikleriniň möhüm şertleriniň biri bolup durýar. Bu gün hemişelik Bitaraplyk durnuklylygyň, durmuş adalatlylygynyň we ösüşiň nusgasy hökmünde ýurdumyzyň raýatlarynyň aňyna berk ornaşdy.

**Gurbangözel AKMYRADOWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**



## DÜNÝÄ NUSGALYK IŞLER

Hazar deňzini dostluk we parahatçylyk zolagyna, halkara strategik durnuklylygyň, howpsuzlygyň möhüm bölegine, döwletleriň özygtyýarlylygyna we çäk bitewüligine hormat goýmak esasynda ähli meseleleri çözmegiň nusgasyna öwürmek baradaky umumy maksat özara gatnaşyklaryň kesgitleýji şerti bolup durýar. Tebigatyň bu täsin künjegi ýumşak howa şertleri, mineral palçyk çeşmeleri, birnäçe kilometre çenli uzalyp gidýän altynsow çägeli kenarlary, «Hazar» döwlet goraghanasynyň baý biodürlüligi, şol sanda dürli guşlary bilen meşhurdyr.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy bolsa sebitiň mineral-çig mal, biologik, şypahana-dynç alyş, syýahatçylyk mümkinçiliklerini peýdalanmaga toplumlaýyn hem-de oýlanyşykly çemeleşmegiň nusgasy bolup hyzmat edýär. Bu dynç alyş zolagy bejeriş-sagaldyş, ekologiýa syýahatçylygyny ösdürmek üçin uly mümkinçiliklere eýedir. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, gojaman Hazaryň türkmen kenarynda ekologik taýdan durnukly ösdürilýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy dünýäniň ähli döwletleri bilen dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we oňyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmäge gönükdirilen toý-baýramlaryň, halkara maslahatlaryň, resmi duşuşyklaryň geçirilýän ýerine öwrüldi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Türkmenistanyň başlangyjy boýunça şu ýylyň awgust aýynda şu gözel künjekde üstünlikli geçirilmegi hem munuň aýdyň mysalydyr.

**Selbi GULMADOWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň öwreniji mugallymy.**

## INNOWASIÝALARA DAÝANYP

Şu ýylyň awgust aýynda Awazada geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynda garalan meseleler, kabul edilen çözgütler dünýä ýaň saldy. Tehnologiýalar we innowasiýalar arkaly deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerde özgertmeleri öňe sürmek temasy şolaryň esasylarynyň biri boldy. Onda durnukly özgertmeleri üpjün etmekde tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň eýeleýän möhüm ornuna üns çekildi. Hususan-da, ulag-logistika ulgamyna döwrebap tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyň, «akylly» ulag ulgamynyň peýdalanylmagynyň ýük dolanyşygyny ýeňilleşdirmek we çaltlandyrmak arkaly söwda hem-de ýol çykdajylaryny azaltmaga ýardam berýändigi bellenildi.

Elektron söwdany ösdürmek ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak we deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerde geografik päsgelçilikleri ýeňip geçmek üçin esasy ugurlaryň biridir. Bu ulgamyň durnukly ösdürilmegi bolsa netijeli sanly döwlet infrastrukturasyna esaslanýan institusional düzümleriň sazlaşykly işini talap edýär. Elektron söwda ulgamynyň institusional düzümleri diýlip onlaýn söwdanyň işini kadalaşdyrýan



we goldaýan düzgünleriň, kadalaryň, gurallaryň, mehanizmleriň toplumyna düşünilýär. Bu düzümler elektron amallaryň ygtybarlylygyny, howpsuzlygyny, netijeliligini üpjün edýär.

**Gülşan MUHAMMEDOWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky HNGU-nyň öwreniji mugallymy.**

## TÄZE KÄRHANA YKDYSADYÝETIMIZI PUGTALANDYRAR

Aşgabat şäheriniň demirgazyk sebitinde çüýşe önümlerini öndürýän täze önümçiligiň Garaşsyzlyk baýramçylygymyzyň öňüsyrasynda dabaraly açylmagy halkymyza ajaýyp toý sowgady boldy.

Diýarymyzyň çar künjegini gurşap alan giň gerimli gurluşyklar bizi diýseň guwandyrýar hem buýsandyrýar. Kärhanada zähmet adamlarynyň işlemegi üçin ähli amatly şertler döredilipdir. Bir gije-gündiziň dowamynda ekologik taýdan arassa gaplyk çüýşe önümleriniň 100 tonnasyny öndürmäge ukyply bolan täze kärhananyň işiniň



ähli tapgyrlarynyň doly awtomatlaşdyrylanlygyny bellemelidir. Munuň özi işiň alnyp barlyşyny ýeňilleşdirmek bilen, önümçiligiň ýokary depginini we netijeliligini üpjün edýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gaýtadan işleýän senagaty ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Täze kärhana hem bu ugurda alnyp barylýan işleriň aýdyň mysalydyr. Ýerli çig mal binýadyna daýanylmagy bu taslamanyň esasy aýratynlyklarynyň biridir.

Ýurdumyzda kwars çägesiniň, dolomitiň, hek daşynyň, natriý sulfatynyň baý gorlarynyň bolmagy, olaryň netijeli ulanylmagy diňe bir önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek bilen çäklenmän, eýsem, önümçilik prosesiniň bökdençsiz dowam etmegini-de üpjün edýär.

**Leýli SÄHETLIÝEWA,**
**TDBGI-niň talyby.**

## TEBIGY GAZY TYGŞYTLY WE HOWPSUZ ULANALYŇ!

04

TÜRKMENGAZ

**Ýurdumyzda alnyp barylýan parasatly döwlet syýasatynyň netijesinde türkmen halkynyň maddy hal-ýagdaýy yzygiderli gowulandyrylýar. Şeýle eşretiň bir bölegi öýlerimizdäki rahatlyk hem-de ýylylykdyr. Ýylylygyň esasy çeşmesi gaz bolup durýar, çünki gaz iň amatly ýangyç hökmünde bireýýämden bäri durmuşymyza pugta ornaşdy. Ýöne welin, gazyň örän howply bolup durýandygyny asla unutmak bolmaz. Şonuň üçin hem ony ulanan mahalyňyz örän seresap bolmaly, gazdan peýdalanmagyň howpsuzlyk düzgünleriniň sähelçe bozulan ýagdaýynda, diňe bir düýpli weýrançylyklara we ýitgilere däl, eýsem, adam pidalaryna hem duçar bolunýar. Hususan-da, şol düzgünleriň berjaý edilmezligi partlamalara, ýangynlara we ýanan gazdan emele gelen zäherli galyndylar bilen zäherlenmek ýaly hadysalara eltýär.**

**Gaz bilen baglanyşykly betbagtçylykly ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygy üçin aşakdaky düzgünleri berjaý ediň:**

— gaz enjamlaryny ulanmazdan ozal, olaryň guratlygyny barlap görüň;

— gaz enjamynyň burmasyny (kranyny) açmazdan ozal, ýakylgy otluçöpi ýa-da çakmagy oduň ýanýan ýerine (gorelkasyna) golaý eltiň;

— gaz enjamynyň howurpejinde ot ýakmazdan öňürti, ony 2-3 minutlap ýelejirediň;

— gaz enjamlaryny ulanýan mahalyňyz penjireleri açyp goýuň;

— tüsseçykaryjysy bolan gaz enjamlaryny her gezek açan (işleden) mahalyňyz onuň tüsse çekişini barlaň. Munuň üçin ýakylan otluçöpi ýa-da çakmagy oduň ýanýan ýeriniň deşijegine golaý tutup görüň. Eger ýalyn telpejigiň (kolpagyň) aşagyna ýa-da oduň ýanýan ýerine tarap sorulsa, onda turbanyň dartyşy bar, eger ýalyn bir gapdala sowulýan bolsa, onda turbanyň tüsse çekişiniň ýok boldugy. Gaz bilen zäherlenmezlik üçin şonuň ýaly dartyşy bolmadyk gaz enjamlaryndan peýdalanmak gadagandyr.

**Gaz enjamlaryny ulanýanlara şu aşakdakylar gadagan edilýär:**

— işläp duran, ýagny ýanyp duran gaz enjamlaryny gözegçiliksiz galdyrmak;

— kiçi ýaşly çagalara gaz enjamlaryndan peýdalanmaga ýol bermek;

— jaýlary gazlaşdyrmak işlerini rugsatsyz özbaşdak geçirmek we gaz enjamlaryny gaýtadan oturtmak hem-de çalşyrmak;

— ýanýan oduň kömegi bilen gazyň syzýan ýerini gözlemek;

— jaýyň içini gyzdyrmak maksady bilen gaz plitalaryndan peýdalanmak.

**Gazyň ysy peýda bolan mahalynda şu aşakdaky çäreleri geçirmeli:**

— haýal etmän, gaz enjamlaryndan peýdalanmagy bes etmeli we gaz enjamlaryna gelýän hem-de gaz enjamlaryndaky burmalary (kranlary) ýapmaly;

— içerä şemal çaldyrmak üçin penjireleri we gapylary açmaly;

— elektrik enjamlaryny işletmeli däl, eger olar ozaldan işläp duran bolsa, olary öçürmeli hem däl;

— ot ýakmaly däl we çilim çekmeli däl;

— 04 belgili telefon boýunça gaz hojalyk edarasyna habar bermeli.

**«Türkmengazüpjünçilik» birleşigi.**

## DEMOKRATIK ÖSÜŞ ÝOLY BILEN



Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda iş alyp barýan Türkmenistanyň Halk Maslahaty ata-baba taryhymyzdan gaýdýan milli demokratik ýol-ýörelgeleri, halk bilen maslahatlylygy, geňeşliligi ugur edinýän edaradyr.

Halk Maslahatynyň döwletimizde, jemgyýetimizde eýeleýän orny onuň ýurduň ýokary wekilçilikli edarasy diýen derejesinde jemlenýär. Oňa ýurdumyzyň ilatynyň her bir gatlagyndan, şol sanda ýaşlaryň adyndan hem wekiller gatnaşmak bilen, döwletimiziň durmuşynda wajyp bolan meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar we halk bähbitli çözgütler kabul edilýär. Golaýda Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde hem möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşylyp, döwletimiziň, halkymyzyň bagtyýar şu güni, ýagty geljegi bilen bagly çözgütler kabul edildi.

**Aýyt ANNAÝEW,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.**

## ŞANLY SENE DABARA BILEN GARŞYLANDY



Her ýyl giň gerim bilen bellenýän Garaşsyzlyk toýumyzyň bu ýylky baýramçylyk çäreleriniň dabarasy dag aşdy. Däp bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz baýramçylyk gününde ilkibaşda Garaşsyzlyk binasyna gül goýuşlyk dabarasyna gatnaşdy. Soňra Türkmenistanyň döwlet tribunasynda baýramçylyk ýörişi geçirildi. Onda türkmeniň göz-guwanjy bolan merdana esgerler, milli ykdysadyýetimiziň daýanjy bolan pudaklaryň görelderli işgärleri geçdiler.

Şeýle pursatlar islendik adamyň duýgularyna täsir etmäge ukyplydyr. Halkymyzyň irginsiz we gaýratly zähmeti netijesinde Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykmagy başardy. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ykdysady özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi milli ykdysadyýetimizi täzeçil usullaryň kömegi bilen özgertmäge, häzirki döwrüň talabyna laýyk guramaga ýardam berdi. Döwletimiziň ösüşiniň esasyny düzen serişde hem öz ägirt uly baýlyklaryny rejeli peýdalanmagydyr.

**Leýli KURBANOWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky HNGU-nyň talyby.**

## SANLY YKDYSADYÝETIŇ MÖHÜM ÄDIMLERI



Häzirki döwürde sanly söwda we innowasion tehnologiýalar deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ösüşinde barha möhüm orny eýeleýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda yzygiderli durmuşa geçirilýän, milli ykdysady ösüşe we onuň halkara ulgama ýakynlaşmagyna gönükdirilen döwlet syýasatynyň netijesinde ýurdumyzda giň gerimli maýa goýum taslamalary amala aşyrylýar.

Tebigy serişdeleriň ägirt uly gorlaryna eýe bolan ýurdumyz ykdysadyýetiň energetika, himiýa senagaty, maşyngurluşyk, ulag, gurluşyk, oba hojalygy ýaly dürli pudaklaryna we beýleki ulgamlara maýa goýumlary işjeň çekýär hem-de beýleki ýurtlar, halkara guramalar, maliýe institutlary bilen gatnaşyklary ösdürýär.

Sanly hyzmatlaryň, elektron söwdanyň, maglumat tehnologiýalarynyň we uzak aralykdan dolandyryş ulgamynyň ösdürilmegi harytlaryň fiziki üpjünçiligine bagly bolmadyk täze girdeji we iş çeşmelerini döredip biler.

**Güljahan BALLYKOWA,**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.**



## «ÝÖREÝÄN TAÝAK»

Mör-möjekler klasynyň Phasmatodea tertibine degişli bolan Ctenomorpha marginipennis atly çekirtge öz täsin gurluşy bilen meşhurlyk gazandy. Onuň bedeniniň agajyň şahasyndan tapawutly tarapy ýok. Olary Antarktidadan başga dünýäniň ähli ýerinde görüp bolýar. Tropiki we subtropiki tokaýlar iň köp ýaýran ýeri hasaplanýar.

Borneo adasynda onuň 300-den gowurak görnüşi bellidir. Olar käte «agaç çekirtgeler» ýa-da «ýöreýän taýaklar» (stick insects) diýlip hem atlandyrylýar. Ony taýakdan tapawutlandyrmak mümkin däl, olar ýöräp barýan taýak ýaly görünýär. Bu çekirtgeleriň ajaýyp täsinligi mimikriýa hadysasy bilen düşündirilýär. Mimikriýa, esasan, mör-möjekleriň köpüsine mahsusdyr. Ol aslynda duşmanlardan goranmak, gizlenmek hadysasydyr.

**Taýýarlan Gülaýym NURYÝEWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.**

## ERMITAŽ MUZEÝI



Ermitaž Sankt-Peterburg şäherinde ýerleşýän sungat we medeniýet muzeýidir. Muzeýde 3 milliondan gowrak eser bardyr. Surat galereýasynda XV asyryň meşhur suratkeşlerinden Leonardo Da Winçiniň «Merýem ene we çaga Isa» eseri, Mikelanjelonyň, Wan Goguň, Rafaeliň, Rubensiň, Rembrandtyň çeken suratlary ýerleşdirilipdir. Gyşlyk saraý muzeýiň esasy binasy bolup, bu ýer bir wagtlar rus patyşalarynyň ýaşaýan köşgi bolupdyr. Balo zalynda (tugralar zaly) XIX asyr nemes-fransuz kümüşleri we Russiýa patyşalygynyň tugralary ýerleşdirilipdir.

Her eser üçin ýarym minut sarp edilende, oňa günde 7 sagatdan 9 ýylda aýlanyp boljakdygy aýdylýar. Muzeýiň käbir bölümlerinde surata düşmäge rugsat berilmeýär. Öňki ýyllarda portretlere zyýan berendigi üçin suw bilen muzeýe girmek gadagandyr. Işgärleriň bellemegine görä, okuwçylaryň we esgerleriň muzeýe gelip görmegi hökmany bolupdyr. 1 müň 57 sany otagda we zalda gezmek üçin 25 kilometr ýöremek gerek.

**Taýýarlan Nariman SAHATOW,**
**HNGU-nyň talyby.**



## ÇAÝ BAŞYNYŇ GÜÝMENJESI



### DIKLIGINE:

1. Mekgejöweniň çiňrigi. 2. Ýakymly ysly gül. 3. Owaz, aýdym, heň. 4. Şahyrlaryň edebi ady, tahallusy. 6. Ýylky tutulýan ujy syrtmakly uzyn agaç. 7. Agyrlyk ölçeg birligi. 8. Himiki element. 9. Tagamy ajy ot. 10. Gyzlaryň ýeňse çukurynda goýulýan çogdam saç. 14. Çeýe şahaly agaç. 15. Egsik, az, ýetmez. 16. Ýer işlerinde ulanylýan ujy çiş demir. 18. Mallaryň soýlup alnan derisi.

### KESELIGINE:

1. Ata, kaka. 3. Halk pähimi. 5. Gündelik, döwürleýin metbugat neşirlerine ýazylyşyk. 7. Ak ekin. 9. Guşlaryň depesindäki gyzyl ösüntgi, täç. 11. Ekiniň başynda çöp-çalamdan edilýän küme. 12. Adamyň, haýwanyň eňeginiň aşak ýüzi. 13. Yzgar geçirmeýän galyň mata. 15. Atyň maňlaýyna dökülip duran ýal. 17. Başgalara görä ýagşy, ganymadrak. 19. Suw geçirmek üçin gazylýan ýerasty aryk, suw ötügi. 20. Gyz ady.

**Düzen Hemra TÄÇGYLYJOW,**
**TYA-nyň Taryh we arheologiýa institutynyň ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgäri.**

### GAZETIŇ 38-nji SANYNDA ÇYKAN KROSSWORDYŇ JOGAPLARY

**DIKLIGINE:**
1. Ýa. 2. Ne. 3. Hüýrlukga. 5. Millimetr. 6. Ses. 7. Ada. 8. Garagol. 9. Mahabat. 10. Uýa. 11. Man. 15. Boý. 16. Aşa. 17. Aly. 18. Tal. 24. Tä. 25. In.

**KESELIGINE:**
1. Ýekegapan. 3. Ha. 4. Em. 6. Sag. 9. Mum. 12. Eda. 13. Aýa. 14. Saryhan. 15. Bagabat. 19. Oşo. 20. Ala. 21. Ýal. 22. Tyl. 23. At. 25. Ir. 26. Ähtiýalan.

## ŞAŞKA OÝNUNDA GÜÝJÜŇI SYNA



**Türkmenistanyň Milli şaşka merkezi**

### 26-njy KOMBINASIÝA

**Aklar başlaýar we utýar**



**GAZETIŇ 37-nji SANYNDA ÇYKAN 25-nji KOMBINASIÝANYŇ JOGABY:**

1. a5-b6 d6xd2 2. f2-e3 a7xc5 3. e3xc1 c5xg5 4. h4xd8

*Şaşka kombinasiýalaryny taýýarlan Balkan welaýat ýöriteleşdirilen şaşka sport mekdebiniň tälimçi-mugallymy, Bütindünýä Intellektual oýunlarynyň ýeňijisi, Türkmenistanyň Milli şaşka merkeziniň agzasy Maksat DURDYÝEW.*

NEBIT-GAZ
ESASLANDYRYJYSY — «TÜRKMENGAZ» DÖWLET KONSERNI
HEPDELIK GAZET

Baş redaktor USSA USSAÝEW

**Redaksiýanyň salgysy:**
744036, Aşgabat şäheri, Arçabil şaýolunyň 58-nji jaýy.
**E-mail: nebit-gazgazeti@oilgas.gov.tm**
**Telefonlarymyz: Kabulhana:** 44-08-48.
**Jogapkär kätip:** 44-08-40. **Faks:** 44-19-13.
**Bölümler:** 44-08-30, 44-08-39, 44-08-42, 44-08-51.

**Welaýatlardaky habarçylarymyz: Balkanda** - 2-80-52, **Daşoguzda** - 2-48-90, **Lebapda** - 3-26-83, **Maryda** - 6-04-93.
Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi: A3. A-117210
Gazetiň belgisi: 69500. Möçberi: 8 sahypa.
Nusgasy: 19528. Bahasy: 1 manat 99 teňňe.



Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi jogap berýär. **Telefony:** 39-95-36.